Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

№3 (53) 2023-nji ýylyň 31-nji ýanwary

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

## INTERNATIONAL YEAR OF DIALOGUE AS A GUARANTEE OF PEACE

*The year of 2023 was declared as "The International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace" in accordance with resolution 77/32 of the United Nations General Assembly by the initiative of Turkmenistan. This initiative is directly linked to the "New Peace Agenda" of the UN Secretary General for building peace, which is consonant with the initiative of Turkmenistan to promote the philosophy of "Dialogue as a guarantee of peace".*

Before the draft resolution "International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace, 2023" was presented, Turkmenistan held extensive consultations with UN member countries, took into account constructive opinions and proposals. The resolution was co-sponsored by 68 member countries of the Organization.

As an official document of the 77th session of the UN General Assembly, under agenda item 14 "Culture of Peace", the final document was adopted, which reflects the fundamental goals and principles of the UN Charter, including obligations to resolve disputes by peaceful means and methods. In this context, the document emphasizes that inclusive dialogue in its various manifestations plays an important role in strengthening relations and cooperation between UN member states. It also notes that the need to implement global strategies and




2



*Syýasy teswir*

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz diýarymyzda dana pederlerimiziň ynsanperwerlige ýugrulan, özboluşly milli däpleri döwrebap derejede dowam etdirilýär.**

***21-nji ýanwarda*** paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň, ýurdumyzyň jemgyýetçilik wekilleriniň bilelikdäki mejlisi geçirildi. Bu döwletli mejlisiň dowamynda döwlet we jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň möhüm meselelerine, şol sanda Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek, iki palataly Milli Geňeşi bir palatadan ybarat bolan Türkmenistanyň Mejlisine öwürmek bilen bagly meselelere seredildi.

"Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar" ýylynyň 11-nji ýanwarynda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň palatalarynyň bilelikdäki maslahatynda ýurdumyzyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek, Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek boýunça taryhy ähmiýetli başlangyçlary öňe sürdi. Giň ygtyýarlyklara eýe boljak bu ýokary wekilçilikli edaranyň işine jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň, ýaşuly nesliň, aýratyn-da, ýaşlaryň gatnaşmaklary döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meseleleri boýunça çözgütleri kabul etmekde uly ähmiýete eýe bolar.

Şeýle hem halkymyzyň bagtyýar durmuşyny, Watanymyzyň abadançylygyny üpjün etmekde, onuň halkara abraýyny belende galdyrmakda bitiren ägirt uly işlerini nazara almak bilen, täze döredilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy wezipesine hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowy saýlamak baradaky teklip öňe sürüldi.

Gahryman Arkadagymyzy kanun esasynda türkmen halkynyň Milli Lideri diýip yk-

2




## Peace-Creating Foreign Policy and Diplomacy of the National Leader of the Turkmen people

On January 28, 2023, a solemn meeting entitled "Peace-creating foreign policy and diplomacy of the National Leader of the Turkmen people" has been held in the main conference hall of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. It was attended by students and teaching staff of the International University for Humanities and Development and the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, including high-ranking guests. The meeting was conducted by Jumamyrat Gurbangeldiyev, rector of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.




At the end of the event, the participants adopted an Appeal to the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov.

## Организована экскурсия в Национальный музей туркменского ковра

26 января 2023 года была организована экскурсия в Национальный музей туркменского ковра с участием студентов Института международных отношений МИД Туркменистана. В ходе экскурсии студенты узнали об истории ковроткачества уникальных, старинных туркменских ковров, происхождении национальных узоров. В этом музее около 2000 экспонатов ковров, отличающихся своим изяществом, особенностями плетения, историей создания. Среди этих ковров есть и ковер с изображением различных видов спорта V Азиатских игр в закрытых помещениях и по боевым искусствам, прошедших в стране в 2017 году.

Значение таких экскурсий очень велико в сохранении национальных ценностей туркменок, воспитании любви к нашему народу и передаче ее нашим будущим поколениям.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*

# INTERNATIONAL YEAR OF DIALOGUE AS A GUARANTEE OF PEACE

1

programs of the UN, in particular, the joint implementation of the 2030 Agenda for Sustainable Development.

The Global Initiative "Dialogue as a Guarantee of Peace" promoted by Turkmenistan is aimed at consolidating the efforts of the international community in strengthening the traditions of peaceful and trusting coexistence of the peoples of the world, restoring values and worldviews, defining a culture of peace and trust as an integral factor in international relations.

Government of Turkmenistan for its consistent work to promote a culture of peace throughout the world, noting that this International Year has a solid cornerstone: Dialogue for Peace, based on our common belief that true peace cannot be preserved or restored without a constructive exchange of views in good faith and that such open and sincere interactions can indeed promote mutual understanding among peoples.

Steadily implementing the policy of peacefulness, good-neighborliness and constructive international cooperation, Turkmenistan consistently expands the geography of interested international partnership and takes an active part in the development of balanced solutions to urgent problems of mankind.

Our national development is becoming as a model development at the international level in the coordination of the domestic and foreign policies of the President of Turkmenistan, which are based on the principle of permanent neutrality.

***Gulsenem HOMMADOVA,*** *Instructor of the Department of International Law and Comparative Law of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.*

*Syýasy teswir*

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

1

rar etmek baradaky teklipler hem dolulygyna goldanyldy. Milli Geňeşiň palatalarynyň arakesme wagtynda geçiren bilelikdäki mejlisinde "Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda", "Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda", şeýle hem halkymyzyň islegleri we teklipleri nazara alnyp taýýarlanylan "Türkmen halkynyň Milli Lideri hakynda" Türkmenistanyň Konstitusion kanunlarynyň taslamalary ara alnyp maslahatlaşyldy. Kanunlar biragyzdan makullandy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna iberildi we tassyklandy.

■ ***25-nji ýanwarda*** Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabat şäheriniň töwerekleri boýunça iş saparyny amala aşyrmagyň barşynda Garagum derýasynyň hem-de beýleki akabalaryň suwuny rejeli peýdalanmak, derýanyň kadaly akymyny üpjün etmek, onuň kenarlaryny berkitmek meselelerine aýratyn ünsi çekdi.

■ ***26-njy ýanwarda*** Mary welaýatynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine döwlet syýasatynyň möhüm meseleleri hem-de birnäçe resminamalaryň taslamalary girizildi.

■ ***27-nji ýanwarda*** Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon bilen telefon arkaly söhbetdeşlik geçirdi. Iki dostlukly döwletiň Baştutanlary mähirli salamlaşyp, özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegini alyp maslahatlaşmaga, şeýle hem halkara we sebit syýasatynda özara gyzyklanma bildirilýän wajyp meseleler boýunça pikir alyşmaga dörän mümkinçiligе kanagatlanma bildirdiler.

■ ***28-nji ýanwarda*** paýtagtymyzdaky "Mekan" köşgünde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VIII gurultaýy geçirildi. Şeýle hem şol gün Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň esaslandyran "Arkadagly ýaşlar" atly täze elektron žurnalynyň ilkinji sany çykdy. Bu žurnal türkmen, iňlis we rus dillerinde taýýarlanyp, aýda bir gezek çykýan çeper-publisistik, ylmy-populýar, bezegli internet neşiridir.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

# YHLASA — MYRAT

*Döwre buýsanç*

***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby Mätgurban MÄTGURBANOW:***

*Ýaşlara we ýaşlyga bagyşlanan ýylda uludan tutulan türkmen ýaşlarynyň dabaraly toýy — Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VIII gurultaýy ýokary derejede uly ruhubelentlikde geçirildi. Bu dabara mynasybetli hormatly Prezidentimiziň ähli türkmen ýaşlaryna ak pata beriji hoşniýetli arzuwlara, ymgyr manyly öwüt-ündewlere beslenen Gutlagyny ýollamagy ähli ýaş türkmenistanlylaryň buýsançly başlaryny göge ýetirdi.Öňem bir danadan «Bagt nirede?» diýip soranlarynda, ol «Bagt — gadyryň bilinýän ýerindedir» diýip jogap beripdir. Hakykatdanam, ýaşlaryň gadyrlanýan, söýülýän, sylanýan döwründe, döwletinde ýaşamagyň, okamagyň, zähmet çekmegiň häziri başgaça.*

*Gurultaýyň çäklerinde ýurdumyzyň öňdebaryjy ýaşlarynyň hatarynda Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň Şa serpaýlaryna, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň gymmat bahaly sowgadyna mynasyp bolmak meniň üçin uly bagt. Bu Şa serpaýlaryny, sylaglary türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Serdarymyz, tutuş türkmen halky tarapyndan bize bildirilen uly ynam hasaplaýaryn. Bu uly ynam bizi ata Watanymyza, döwletimize we döwrümize mynasyp, kämil şahsyýetler bolup ýetişmäge ruhlandyrýar. Şu uly ynamy ödemek, şu mukaddes borja aňryýany bilen hötde gelmek üçin gijämizi gündiz edip yhlasly okajakdygymyza, tutanýerli zähmet çekjekdigimize, täze ylmy we döredijilik gözlegleri bilen ata Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp paý goşjakdygymyza Arkadagly Serdarymyzy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy, ähli halkymyzy tüýs ýürekden ynandyrýarys.*

*Ýurdumyzda ýaşlaryň okamaklary, öwrenmekleri, döredijilik we ylym bilen meşgullanmaklary üçin giň mümkinçilikleri döredip beren Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, il bähbitli umumadamzat ähmiýetli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin!*

***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby Baýnazar NEPESOW:***

*Ýurdymyzda her ýyly döwrebap atlandyrmak baradaky asylly däbe öwrüldi. Üstümizdäki 2023-nji ýylyň "Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly" diýlip atlandyrylmagy ýurdumyzda ýaşlara uly üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Bu bolsa Arkadagly Serdarymyzyň belleýşi ýaly, Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlara bildirilen uly ynamdyr.*

*Ynha, şu ajaýyp günde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VIII gurultaýynda ýurdumyzyň öňdebaryjy ýaşlarynyň hatarynda maňa hem Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň Şa serpaýlaryna, şeýle-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň gymmatbahaly sowgadyna mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Biz ýaşlara berlen şeýle ýokary baha üçin buýsanjymyzyň çägi ýokdur. Bularyň ählisi «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynyň ruhuna aýratyn öwüşgin çaýýar. Ýurdumyzyň ýaşlarynyň giň dünýä garaýyşly, ylymly-bilimli, beden taýdan, ruhy taýdan sagdyn bolup ýetişmekleri ugrunda abyrsyz işleri amala aşyrýan Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!*



***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV talyby, Serdar RAHYMOW:***

*Her bir ýurduň geljegi onuň ösüp gelýän ýaş nesli bilen kesgitlenilýär. Ýaşlara döredilýän mümkinçilikler olaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi üçindir. "Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar" ýyly hem adyndan belli bolşy ýaly, turuwbaşdan ýeňişli menziller bilen taryhyň altyn sahypalaryna ýazylýar. 28-nji ýanwarda geçirilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VIII gurultaýyna biz – talyp ýaşlara hem gatnaşmak bagty miýesser etdi. Maslahatda Ýaşlar guramasynyň öňünde durýan wezipeleri kesgitlenildi. Onuň dowamynda dürli pudaklarda ýokary netijeleri gazanan ýaşlar Arkadagly Serdarymyzyň, Gahryman Arkadagymyzyň Şa serpaýlaryna we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň gymmat bahaly sowgatlaryna mynasyp boldular. Şol ýaşlaryň arasynda meniňem bolmagym buýsançly başymy göge ýetirdi. Biz ýaşlaryň okamagymyz, öwrenmegimiz, saýlap alan hünärimiz boýunça kämil hünärmenler bolup ýetişmegimiz üçin giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!*

***Taýýarlan: Sona HALYKOWA, Aýlar ATAJYKOWA, Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary.***

***Ýaşlar mähriban halkymyzyň, eziz Watanymyzyň beýik geljegini gurujylardyr, jemgyýetimiziň işjeň bölegidir.***
***Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow***

***«Arkadagly Ýaşlar» atly aýda bir gezek neşir edilýän elektron žurnalyň ilkinji sany okyjylara gowuşdy***

# НОВЫЙ ЭТАП ДЕМОКРАТИЗАЦИИ ГОСУДАРСТВА И ОБЩЕСТВА

## *проводимая внешняя политика и дипломатия Национального Лидера туркменского народа*

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства в нашей Отчизне достойное продолжение получили завещанные славными предками исконные национальные традиции народовластия.

И сегодня демократическим процессам, начатым по инициативе Героя-Аркадага, придан качественно новый импульс. Свидетельством тому стало предложение о создании высшего представительного органа народовластия – Халк Маслахаты Туркменистана.

В целях утверждения прочных основ демократического правового и светского государства, основываясь на опыте прошлых веков, постоянно совершенствуются правовая база общества, работа органов управления. Со дня принятия Конституции Туркменистана в неё постоянно вносились изменения и дополнения в соответствии с требованиями времени. Ведь жизнь не стоит на месте, изменяя её к лучшему, общество движется вперёд к процветанию.

За многовековую историю туркмен было создано немало могущественных государств, слава о которых была известна во всём мире. Издревле идёт и традиция туркменского народа



принимать важные решения, советуясь с нашими мудрыми старейшинами. Отсюда истоки народного собрания – Халк Маслахаты.

В этой связи инициативу нашего Героя-Аркадага о создании Высшего представительного органа народной власти – Халк Маслахаты Туркменистана, мы, молодежь, считаем своевременной и отвечающей духу современной эпохи. Это поспособствует дальнейшей демократизации общества и создаст благоприятную среду для участия населения и общественных объединений в принятии важных решений на новом историческом этапе развития нашей независимой нейтральной Родины.

В процессе заседания Милли Генгеша Туркменистана было принято несколько конституционных законов. Согласно Конституционному закону Туркменистана «О внесении изменений и дополнений в Конституцию Туркменистана» была внесена норма, которая утверждает, что Халк Маслахаты Туркменистана является высшим представительным органом, представляющим интересы народа Туркменистана, порядок его создания и полномочия определяются Конституционным законом.

Наш Герой-Аркадаг Уважаемый Гурбангулы Бердымухамедов – видный и авторитетный государственный, политический и общественный деятель – Герой Туркменистана, Почётный Народный старейшина Туркменистана, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана за свои колоссальные заслуги в утверждении прочных основ демократического правового и светского государства на основе Закона «О Национальном Лидере туркменского народа», цели которого отражены в Преамбуле этого документа, признаётся Национальным Лидером туркменского народа, здесь же определяется «его политическое и правовое положение».

С целью создания широких возможностей для полного участия молодёжи в экономической, политической и культурной жизни нашей страны, воспитания молодого поколения в духе нравственных традиций нашего народа, патриотизма, гуманности и трудолюбия, поддержки и поощрения их общественно-политической активности, личных инициатив 2023 год был объявлен годом «Счастливой молодёжи с Аркадаг Сердаром». А немногим раньше, первого сентября 2022-ого года в ходе VII съезда Молодёжной организации Туркменистана был принят Закон Туркменистана «О государственной молодёжной политике». В нём предусмотрены разработка методов развития молодёжного предпринимательства и льготы по оказанию государственной поддержки тем предприятиям, которые созданы предпринимателями и именуются «молодёжными», если 75 процентов его сотрудников составляет молодёжь.

Кроме того, гарантирован порядок льготной уплаты подоходного налога молодыми специалистами, считается, что это позволит молодым найти своё место в жизни и внести свой вклад в общие успехи.

С целью достижения непрерывности обучения и профессиональной ориентации молодёжи в Законе предусмотрены нормы о временной отсрочке для выпускников школ от призыва на военную службу с условием создания разовой возможности для участия во вступительных экзаменах в учреждениях высшего и среднего профессионального образования, а также другие льготы.

Претворение в жизнь важных решений и инициатив, как реформирование различных отраслей, в том числе и законодательной системы, Лидера Нации, уже не раз послужило на благо людей, каждый раз утверждая выдвинутый лозунг «Государство – для человека!». И сегодня, мы считаем, принятие такого решения о внесении соответственных изменений в Конституцию Туркменистана станет очередным шагом в дальнейшем укреплении народовластия под руководством уважаемого Президента. Успешные инициативы Правительства по внедрению передового опыта и цифровизации приводят к повышению производительности в различных отраслях. Вдохновляясь многоплановыми реформами, проводимыми в стране, мы, молодёжь, ответно консолидируемся и сплачиваемся вокруг Национального Лидера и Президента, за успешными начинаниями которых стоит славное историческое прошлое туркменского народа, его счастливое настоящее и светлое будущее.

От имени всей молодежи выражаю глубокую благодарность Уважаемым Лидеру Нации и Аркадаглы Сердару за многогранную деятельность в построении демократического общества, уверенно идущего к новым вершинам развития нашей Независимой Родины и желаю крепкого здоровья, долгих лет жизни и новых выдающихся успехов в их масштабной плодотворной деятельности!

***Сойли АХМЕДОВА,***
***студентка I курса факультета Международного права Института Международных отношений МИД Туркменистана.***

*(Final. Original in issue 52).*

# GREAT CONFIDENCE COMES WITH GREAT RESPONSIBILITY

The formation of a patriotic, highly educated, erudite, physically and morally healthy, well-bred young generation is one of the strategic objectives of the development of Turkmenistan in the era of the Revival of a new epoch of a powerful state which was clearly underlined by our highly Esteemed President in his essentially programmatic speech addressed to the participants of the 7th Congress. And in this regard, it is worthy reminding the 7th Congress of the Makhtumkuli Youth Organization of Turkmenistan held in the capital on September 1 and the adopted new version of the Law of Turkmenistan "On State Youth Policy". The youth policy pursued by the President of Turkmenistan is aimed at creating the most favorable conditions for the formation, development and personal growth of Turkmen youth, expanding opportunities for the maximum realization of their intellectual, creative and spiritual potential in the interests of society and the state. Hence, the name of this year, according to the initiatives of most Turkmen people, is titled as the "Happy youth with Arkadag Serdar". The motto of the year shows that in our beloved country, each young generation is considered to be gifted for something and is done everything by state policy to develop these talents to contribute to the state development.

At the same time, this motto comes with the great responsibilities. What are the youth expected to do under this great confidence of our nation? As it was mentioned above, youth play an impressive role in society. Because, they are young, full of energy and filled with creative and brilliant ideas. They are expected to full fill the position left by the elders as son takes up the position of father in a family. Secondly, they are expected to protect their culture and tradition while at the same time make it better and embrace changes in the political, economic and cultural spheres of the country. For instance, the growth of the country in all areas such as social, political and economic spheres mostly depend on youth.



They, with full energy and high education can perform better and ensure the growth of the nation.

We can clearly see the attention paid to the younger generation in the country within the framework of motto of the year 2023, which is one of the undertakings carried out in our happy epoch aimed at further improvement of our people. With this view, all conditions opportunities are being created for the youth to get a good education, to develop their skills, professional capacities and to make personalities with wide outlook and loyal to our fatherland. Taking into account, all these undertakings can be inferred that youth in our country are really happy with Arkadag Serdar.

***Akgozel RASULOVA,***
***the 3rd year student of the Faculty of International Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

# ÝUNESKO we Ýaşlar

Berkarar döwletimiziň Täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew bady bilen öňe barýan Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň halkara abraýyny belende göterjek, mundan beýläk-de onuň beýik üsüşlerine saldamly goşant goşjak kämil ýaşlary kemala getirmek esasy wezipeleriniň biridir.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň paýhasly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda bilim pudagynyň maddy binýadyny berkitmek bilen bagly bimöçber işler durmuşa geçirilýär, şol bir wagtyň özünde milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek we ýaşlaryň hünär taýýarlyk ugurlaryny giňeltmek meselesi döwletimiziň halkara hyzmatdaşlygynyň gün tertibinde öňdäki orunda durýar. Esasan hem, Türkmenistan daşary syýasy ugurda Birleşen Milletler Guramasy bilen köptaraplaýyn derejede bilim pudagynda hyzmatdaşlyk etmäge aýratyn ähmiýet berýär. Has takygy, Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet boýunça ýöriteleşdirilen guramasy bilen hyzmatdaşlyk has hem işjeňleşdirilýär.

Mälim bolşy ýaly, 1993-nji ýylyň 17-nji awgustynda Türkmenistan London şäherinde degişli resminamany ratifisirlemek bilen, ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy boldy. Şondan bäri hem, Türkmenistan bilen ÝUNESKO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň halkara-hukuk binýady berkidilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň jemi 14 sany Konwensiýasyna goşuldy. Olardan "Ýewropa sebitindäki ýurtlaryň okuw kurslaryny, ýokary bilim hakyndaky diplomlaryny we alymlyk derejesini ykrar etmek baradaky Konwensiýa" (1979, Pariž) "Aziýa we Ýuwaş ummany sebitindäki ýurtlaryň okuw kurslaryny, ýokary bilim hakyndaky diplomlaryny we alymlyk derejesini ykrar etmek baradaky Konwensiýa" (1983, Bangkok) "Bilim ulgamynda hukuk kemsitmelerine garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýa" (1960, Pariž) "Ýewropa sebitinde ýokary bilim boýunça hünär derejelerini ykrar etmek hakyndaky Konwensiýa" (1997, Lissabon) we başgalar ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

ÝUNESKO häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň medeniýet, ylym-bilim ulgamyndaky halkara başlangyçlaryny ilerletmek, şeýle hem durnukly ösüş maksatlarynyň durmuşa geçirilmeginde we Türkmenistanyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine goşulyşmagynda wajyp ähmiýeti bolan özara bähbitli halkara maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin ygtybarly meýdança bolup hyzmat edýär. Ýagny, Türkmenistan – ÝUNESKO hyzmatdaşlygynyň çäklerinde amala aşyrylýan halkara maksatnamalaryň aglabasy ýaşlaryň ylym-bilim ulgamynda kämilleşmegine gönükdirilendir.

2021-nji ýylda Türkmenistanyň umumybilim berýän mekdepleriniň birnäçesi 1953-nji ýylda başlanan ÝUNESKO-nyň iň üstünlikli we uzak möhletli bilim maksatnamalarynyň biri bolan ÝUNESKO-nyň "Assosirlenen mekdepleriniň sanawyna" goşuldy. Bu maksatnama dünýädäki umumybilim berýän mekdepleri umumy bir maksada baglanyşdyryp, çagalaryň we ýaşlaryň aňyna parahatçylyk ideýasyny ornaşdyrýar.

Şeýle hem, ÝUNESKO guramasy bilen ylym-bilim ugrundaky hyzmatdaşlygyň üstünlikli amala aşyrylmagyny üpjün edýän halkara maksatnamalaryň biri hem, 1992-nji ýylda döredilen UNITWIN maksatnamasydyr. Bu halkara maksatnama ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralarynyň döredilmegi bilen dünýädäki ýokary okuw mekdepleriniň özara tejribe alyşmagyna we ylmyň täze gazananlaryny ygtybarly paýlaşmagyna mümkinçilik döredýär.

Häzirki wagtda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda ÝUNESKO kafedralaryny döretmek boýunça işler netijeli alnyp barylýar.

Halkara UNITWIN maksatnamasy innowasion ylym-bilim maksatnamalarynyň we taslamalarynyň işlenip düzülmegini işjeňleşdirmäge, dünýäniň ähli uniwersitetleriniň arasynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge ýardam berýär. Şunuň bilen, biziň ýurdumyzda hem ÝUNESKO kafedralarynyň döredilmegi ýokary bilimiň we ylmyň ösmegine, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň bütindünýä ylym-bilim ulgamyna girmegine uly mümkinçilikleri döreder.

Şeýle hem, häzirki wagtda dünýäniň 90-a golaý ýurdunda 4000-den gowrak ÝUNESKO klublary hereket edýär we bu babatdaky işler biziň ýurdumyzda hem üstünlikli amala aşyrylýar. Has takygy, 2022-nji ýylda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylygyň medeniýeti», Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Parahatçylygyň dilleri» atly ÝUNESKO klublary döredildi. ÝUNESKO-nyň klubunyň döredilmeginiň esasy maksady ylym, bilim we medeniýet ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmäge ýardam etmek, ÝUNESKO-nyň ynsanperwer ýörelgelerini we ugurlaryny, adamlaryň arasynda parahatçylyk we özara düşünişmek baradaky maksatlaryny wagyz etmek üçin talyp ýaşlary we uly ýaşly adamlary ÝUNESKO-nyň klubuna birleşdirmekden ybaratdyr. Klubuň wezipesi medeniýetleriň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek, beýleki medeniýetlere hormat bilen garamagy terbiýelemek, medeni-taryhy gymmatlyklary aýap saklamak, tebigaty goramak bilen birlikde halkara guramasynyň ugurlaryny ösdürmegi dowam etmekden ybaratdyr.

*Jemal REMATULLAÝEWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby.*



Täçgeldi GUTLYÝEW,
Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti.

**Garly günüň goşgusy**

## Gar ýagýar

Gar ýagsa söýýän gezmäni,
Ýakasyn galdyryp gara paltonyň.
Ylla däli bakdygymça ak dünýä,
Ýanýar ody ýatlamalar peltämiň.

Şol näzenin uz üstünde göreşip.
Dalaşda ýeňipdim köp bäsdeşleri.
Emma ahyr asgyn gelip birinden,
Başyma salypdym ýowuz gyşlary.



Gabanjaňlyk kerebine çolaşyp,
Yşkyň gabryn gazan özümdim, özüm.
Eý, Alla, ykbala duşman etmäge
Tapmadyňmy şundan başga bir ganym.

Gar ýagýar, ýene-de barýan gar içre,
Ýatlamalar üzre çekip ýar zaryn.
Hem gamgyn synlaýan ak garda galýan,
Şol ilkinji söýgä jelladyň yzyn.

## Из словаря терминов по экономики

**Карточная система** — система снабжения населения товарами в условиях дефицита, один из способов рационирования.

* * *

**Инкотéрмс** — международные правила в формате словаря, обеспечивающие однозначные толкования наиболее широко используемых торговых терминов в области внешней торговли частного характера, прежде всего, относительно франко — места перехода ответственности от продавца к покупателю.

* * *

**Экспортный кредит** — кредит, предоставляемый сторонами по внешнеторговой сделке в процессе экспорта.

* * *

**Криптовалю́та** — разновидность цифровой валюты, учёт внутренних расчётных единиц которой обеспечивает децентрализованная платёжная система , работающая в полностью автоматическом режиме.

* * *

**Индекс рентабельности инвестиций** — показатель метода чистой приведённой стоимости, который рассчитывается как отношение суммы дисконтированных денежных потоков к первоначальным инвестициям.

*Айджахан ГУЛХАНОВА,*
*студент II курса факультета экономических отношений института Международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.*

*ÝUNESKO 1945-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Beýik Britaniýanyň London şäherinde esaslandyryldy.*

*Поэзия — это когда чувство находит свою мысль, а мысль находит слова.*
*Роберт Фрост*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow
Jogapkär kätip: B.Garaýew
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow
Kätip: A.Nobatowa
Bölüm müdiri: A.Ýazweliýew
Edebi işgärler: J.Öwezowa, A.Atajykowa
Fotohabarçylar: M.Narmedow, B.Ýazmyradow
Korrektorlar: G.Egirjäýewa, A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, T.Gutlyýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, A.Omarowa, M.Orazowa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa, A.Nazarowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda hem-de iirmfa.nesil.edu.tm sanly bilim portalynda ýerleşdirilýär.
Email: yashdiplomathgi@gmail.com